Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2014-nji ýylyň 20-nji martynda çykaran 26-Ö belgili

**B U Ý R U G Y**

**Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibini tassyklamak barada**

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda Kodeksine, Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda Kodeksine, "Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 11991-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy hakynda Düzgünnama gollanyp, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibini ulanmak maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmekligi Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasaryna, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň dolandyryjysyna we Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň pensiýa gatançlaryny dolandyrmak müdirliginiň başlygyna tabşyrmaly.

**Ministr** **B.Şamyradow**

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş
taýdan goramak ministriniň
2014-nji ýylyň 20-nji martynda çykaran
26-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

# Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň TERTIBI

*(Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2025-nji ýylyň 13-nji iýunynda çykaran 73-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan hem-de Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2025-nji ýylyň 18-nji iýulynda 1886 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)*

## I. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň tertibi (mundan beýläk –Tertip) Türkmenistanyň Konstitusiyasyna, Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda Kodeksine, Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksine, “Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, “Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň işini kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 11992-nji karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň Düzgünnamasyna, “Türkmenistanyň Pensiýa gaznasyny döretmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 11991-nji karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy hakynda Düzgünnama laýyklykda Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň (mundan beýläk – Gazna) ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ulanmak üçin taýýarlanyldy.

2. Şu Tertipde ulanylýan esasy düşünjeler Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksinde, Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda Kodeksinde we “Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda kesgitlenilen manylarda ulanylýar.

3. “Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk – Kanun) 4-nji maddasyna laýyklykda, döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça hukuk gatnaşyklaryna gatnaşyjylar ätiýaçlandyryjy, ätiýaçlandyrýan we ätiýaçlandyrylan şahs döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň subýektleri bolup durýarlar.

Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksiniň 33-nji maddasyna laýyklykda raýatlar pensiýa bellenilmegi üçin hemişelik ýaşaýan ýeri boýunça Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň edarasyna arza bilen ýüz tutýarlar. Pensiýa bellemek barada arza bilen ýüz tutan adamyň atly pensiýa hasabyndaky maglumatlaryň takyklanmak zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda, Türkmenistanyň

Pensiýa gaznasynyň ýerli edarasy ondan, şeýle hem iş berijilerden ýa-da arhiw edaralaryndan goşmaça resminamalar we maglumatlar talap etmäge haklydyr. Iş berijiler we arhiw edaralary soralýan resminamalary we maglumatlary ýüz tutulan gününden on senenama gününiň dowamynda bermäge borçludyrlar.

4. Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda Kodeksiniň (mundan beýläk – Kodeks) 480-nji maddasyna laýyklykda, Gaznanyň we onuň ýerli edaralarynyň ygtyýar berilen ýolbaşçylary Kodeksiň 297, 298, 299, $299^1$-njy maddalarynda we 365-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilen administratiw hukuk bozulmalary barada toplanan resminamalara seredýärler we administratiw temmisini ulanmak hukugyndan peýdalanyp bilýärler.

5. Administratiw jerimäniň möçberi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän binýatlyk möçberden ugur alnyp kesgitlenilýär. Tertibiň dördünji böleginde görkezilen administratiw hukuk bozulmalara degişli maddalar boýunça salynýan administratiw jerime, günäkär fiziki şahsa ýa-da wezipeli adama Türkmenistanyň Döwlet býudjetiniň haýryna töletdirilýär.

6. Kodeksiň 44-nji maddasynyň 3-nji, 4-nji bölegine laýyklykda jerimäniň iň pes möçberi binýatlyk mukdaryň 0,02 böleginden az bolup bilmez, jerimäniň aňryçäk ýokary möçberi administratiw hukuk bozulmalarynyň aýry-aýry görnüşleri üçin Kodeksiň Aýratyn böleginde göz öňünde tutulan möçberden köp bolup bilmez. Şonda jerimäniň anyk möçberi administratiw hukuk bozulmalarynyň ýüze çykan her ýagdaýynda bu Kodeksiň 52–53-nji maddalarynda göz öňünde tutulan administratiw hukuk bozulma üçin jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýagdaýlar hem-de jogapkärçiligi agyrlaşdyrýan ýagdaýlar göz öňünde tutulyp kesgitlenýär. Kodeksiň 7-nji maddasyna laýyklykda, administratiw hukuk bozulmany eden şahs babatda ulanylýan temmi adalatly bolmalydyr, ýagny administratiw hukuk bozulmanyň häsiýetine, onuň edilen ýagdaýlaryna laýyk gelmelidir, kanuny we esasly bolmalydyr.

## II. Ätiýaçlandyrýanlaryň döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy babatda borçlarynyň ýerine ýetirilmezligi üçin administratiw temminiň berilmegi

7. Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy babatdaky borçlaryň ýerine ýetirilmezligi, döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň meseleleri bilen baglanşykly hukuklaryň we kanuny bähbitleriň bozulmagy diýlip kesgitlenilýär.

8. Ätiýaçlandyrýanlar özüniň ýatyrylandygy (üýtgedilip gurulandygy) barada bellenilen tertipde çözgüdiň kabul edilendigi hem-de esaslandyryjy resminamalarynyň we hasaba alyş belgileriniň (rekwizitleriniň) üýtgedilendigi barada habar bermegiň möhletleriniň bozulmagy üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 297-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

9. Ätiýaçlandyrýanlaryň özüniň ýatyrylandygy (üýtgedilip gurulandygy) barada bellenilen tertipde çözgüdiň kabul edilendigi hem-de esaslandyryjy resminamalarynyň we hasaba alyş belgileriniň (rekwizitleriniň) üýtgedilendigi barada habar bermek möhletleriniň bozulandygy üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň birisinden ikisine çenli möçberde jerime salynýar.

Bu hukuk bozulmalary babatda administratiw temmisi ulanylandan soň olaryň bir ýylyň dowamynda gaýtadan edilendigi üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň ikisinden bäşisine çenli möçberde jerime salynýar.

## III. Ätiýaçlandyrylan şahslaryň, pensiýa toplamalaryny hem-de olar baradaky beýleki maglumatlaryň gizlinligini we abat saklanylmagynyň berjaý edilmezligi üçin administratiw temminiň berilmegi

10. Ätiýaçlandyrylan şahslaryň, pensiýa toplamalaryny hem-de olar baradaky beýleki maglumatlaryň gizlinligini we abat saklanylmagyndan ugur alyp şol maglumatlaryň gizlinliginiň we abat saklanylmagyny berjaý edilmezligi üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 297-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

11. Ätiýaçlandyrylan şahslaryň, pensiýa toplamalaryny hem-de olar baradaky beýleki maglumatlaryň gizlinligini we abat saklanylmagyny ýerine ýetirilmezligi üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň birisinden ikisine çenli möçberde jerime salynýar.

Bu hukuk bozulmalary babatda administratiw temmisi ulanylandan soň olaryň bir ýylyň dowamynda gaýtadan edilendigi üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň ikisinden bäşisine çenli möçberde jerime salynýar.

## IV. Pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň subýektlerine maliýe jerimeleriniň bikanun ulanylandygy üçin administratiw temminiň berilmegi

12. Pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň subýektlerine maliýe jerimeleriň bikanun ulanylmagynyň ýagdaýlaryny kesgitleýär.

13. Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň subýektlerine maliýe jerimeleriň bikanun ulanylmagy üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 297-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

14. Maliýe jerimeleriň bikanun ulanylandygy üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň ikisine çenli möçberde jerime salynýar.

Bu hukuk bozulmalary babatda administratiw temmisi ulanylandan soň olaryň bir ýylyň dowamynda gaýtadan edilendigi üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň ikisinden bäşisine çenli möçberde jerime salynýar.

## V. Ätiýaçlandyrýanlary hasaba almagyň we hasapdan aýyrmagyň tertibiniň möhletleriniň bozulandygy üçin administratiw temminiň berilmegi

15. Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň subýektleri tarapyndan hasaba almagyň we hasapdan aýyrmagyň tertibiniň talaplarynyň ýerine ýetirilmezligi şu tertibiň bozulmagy diýlip kesgitlenilýär.

16. Gaznanyň ýerli edaralary tarapyndan hasaba almagyň we hasapdan aýyrmagyň tertibiniň bozulmagy üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 298-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

17. Gaznanyň ýerli edaralarynda hasaba almagyň we hasapdan aýyrmagyň tertibiniň bozulandygy üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň dördüsine çenli möçberde jerime salynýar.

## VI. Pensiýa gatançlaryny töleýjileriň - ätiýaçlandyrýanlaryň döwlet sanawyny ýöretmegiň tertibiniň bozulandygy üçin administratiw temminiň berilmegi

18. Ätiýaçlandyrýanlaryň döwlet sanawyny ýöretmegi berjaý etmek zerurlygyndan ugur almak bilen, ätiýaçlandyrýanlar baradaky maglumatlaryň alnyp barylmagynyň tertibiniň ýerine ýetirilmezligi şol tertibiň bozulmagy diýlip kesgitlenilýär.

19. Gaznanyň ýerli edaralarynda ätiýaçlandyrýanlar tarapyndan hasaba alynmagynyň tertibiniň bozulmagy üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 298-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

20. Gaznanyň ýerli edaralarynda ätiýaçlandyrýanlaryň döwlet sanawyny ýöretmegiň tertibiniň bozulandygy üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň dördüsine çenli möçberde jerime salynýar.

## VII. Pensiýa gatançlaryny töleýjileriň - ätiýaçlandyrýanlaryň we ätiýaçlandyrylan şahslaryň pensiýa gatançlaryny hasaplamagyň we tölemegiň tertibiniň bozulandygy üçin administratiw temminiň berilmegi

21. Ätiýaçlandyrýanlaryň pensiýa gatançlaryny hasaplamaga hem-de Gaznanyň býujetine öz wagtynda we doly möçberde tölemäge we şol bir wagtda ätiýaçlandyrylan şahslar we olaryň pensiýa gatançlarynyň möçberi barada maglumaty Gaznanyň ýerli edarasyna bermegini kesgitlenilýär.

22. Ätiýaçlandyrýanlaryň pensiýa gatançlaryny Gaznanyň býujetine öz wagtynda we doly möçberde pensiýa gatançlaryny hasaplamaga, ätiýaçlandyrylan şahslar we olaryň pensiýa gatançlarynyň möçberi barada maglumaty Gaznanyň ýerli edarasyna bermezligi, hasaplanylan we tölenilen pensiýa gatançlarynyň hasabyny ýöretmäge degişli bolan pensiýa gatançlarynyň hasabyny ýöretmezligi üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň dördüsine çenli möçberde jerime salynýar.

## VIII. Pensiýa gatançlaryny töleýjileriň-ätiýaçlandyrýanlaryň pensiýa gatançlaryny hasaplamagyň we tölemegiň beýannamalaryny we hasabatlary bermegiň möhletleriniň bozulandygy üçin administratiw temminiň berilmegi

23. Gaznanyň ýerli edaralarynda ätiýaçlandyrylan şahslaryň atly pensiýa hasabyny ýöretmek zerurlygyndan ugur alyp ätiýaçlandyrýanlaryň pensiýa gatançlaryny hasaplamagyň we tölemegiň beýannamalaryny we hasabatlaryny bermegiň möhletiniň berjaý edilmezligi bellenen möhletleriniň bozulmagy diýlip kesgitlenilýär.

24. Ätiýaçlandyrýanlaryň hasapda duran ýeri boýunça Gaznanyň ýerli edaralaryna pensiýa gatançlarynyň beýannamasyny we hasabatlaryny bermegiň Türkmenistanyň döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda kanunçylygynda bellenilen möhletleriniň bozulmagy üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 298-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

25. Gaznanyň ýerli edaralarynda ätiýaçlandyrýanlaryň pensiýa gatançlaryny hasaplamagyň we tölemegiň beýannamalaryny we hasabatlaryny bermegiň möhletleriniň bozulandygy üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň dördüsine çenli möçberde jerime salynýar.

## IX. Pensiýa gatançlaryny töleýjileriň-ätiýaçlandyrýanlaryň pensiýa gatançlarynyň birnäçe gezek tölenilmezligi ýa-da doly däl möçberde tölenilmegi üçin administratiw temminiň berilmegi

26. Ätiýaçlandyrýanlar pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlaryny öz wagtynda ýa-da doly däl möçberde üç senenama aýyň dowamynda birnäçe gezek tölenilmezligi üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 298-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

27. Pensiýa gatançlarynyň ätiýäçlandyranlar tarapyndan üç senenama aýyň dowamynda birnäçe gezek tölenilmezligi ýa-da doly däl möçberde tölenilmegi üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisine, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň üçüsine çenli möçberde jerime salynýar.

## X. Ätiýaçlandyrýanlar tarapyndan zerur resminamalaryň we başga maglumatlaryň bellenilen möhletlerde berilmezligi ýa-da şol maglumatlaryň ýoýulan görnüşinde berlendigi üçin administratiw temminiň berilmegi

28. Ätiýaçlandyrýanlaryň pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatançlarynyň, hasaplanylyşynyň takyklygyna, doly we wagtynda geçirilmegine gözegçiligi amala aşyrmak üçin zerur resminamalaryň we başga maglumatlaryň Türkmenistanyň döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda kanunçylygynda bellenilen möhletlerde berilmezligi, şeýle hem şol maglumatlaryň ýoýlan görnüşde berilmegi üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 298-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

29. Gözegçiligi amala aşyrmak üçin zerur resminamalaryň we başga maglumatlaryň Türkmenistanyň döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda kanunçylygynda bellenilen möhletlerde berilmezligi, şeýle hem şol maglumatlaryň ýoýlan görnüşde berilmegi üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň birisinden üçüsine, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň üçüsinden bäşisine çenli möçberde jerime salynýar.

## XI. Ätiýaçlandyrylan şahslaryň atly hasaplaryna pensiýa gatançlarynyň öz wagtynda hasaba alynmazlygy üçin administratiw temminiň berilmegi

30. Gaznanyň ýerli edaralary tarapyndan ätiýaçlandyrylan şahslaryň atly hasaplaryna pensiýa gatançlarynyň öz wagtynda geçirilmezligi we pensiýa

maýasynyň hasaba alynmazlygy üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 299-njy maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

31. Ätiýaçlandyrylan şahslaryň atly hasaplaryna döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlarynyň öz wagtynda (üç senenama aýyň dowamynda iki we şondan köp gezek) geçirilmezligi we pensiýa maýasy barada maglumatlary ýöretmek tertibiniň bozulmagy hem-de pensiýa maýasynyň indeksirlenilmezligi üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň birisine çenli möçberde jerime salynýar.

## XII. Ätiýaçlandyrylan şahslaryň atly hasaplaryndaky pensiýa toplamalarynyň maýa goýum girdejisiniň hasaplanyp ýazylmazlygy ýa-da onuň möçberleriniň peseldilmeigi üçin administratiw temminiň berilmegi

32. Gaznanyň ýerli edaralary tarapyndan ätiýaçlandyrylan şahslaryň pensiýa toplamalarynyň maýa goýum girdejileriniň hasaplanyp ýazylmazlygy ýa-da onuň möçberleriniň peseldilmegi üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 299-njy maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

33. Ätiýaçlandyrylan şahslaryň atly hasaplaryna meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça pensiýa toplamalarynyň maýa goýum girdejileriniň hasaplanyp ýazylmazlygy ýa-da onuň möçberleriniň peseldilmeigi üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň ikisine çenli möçberde jerime salynýar.

## XII$^{1}$. Adamlaryň pensiýa we pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri bolan hukuklarynyň hem-de olaryň möçberleriniň kesgitlenilmegi üçin Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen resminamalary we maglumatlary bermek möhletiniň bozulandygy ýa-da bu maglumatlaryň nädogry berlendigi üçin administratiw temminiň berilmegi

Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksinde kesgitlenen möhletiniň bozulmagy Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edaralaryna adamlaryň pensiýa we pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleri bolan hukuklarynyň hem-de olaryň möçberleriniň kesgitlenilmegi üçin Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen resminamalaryň we maglumatlaryň iş berijiler ýa-da arhiw edaralary tarapyndan bermek möhletiniň bozulmagy diýlip kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edaralaryna adamlaryň pensiýa we pensiýalara goşulýan goşmaça töleglere bolan hukuklarynyň hem-de olaryň möçberleriniň kesgitlenilmegi üçin Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen resminamalaryň we maglumatlaryň iş berijiler we arhiw edaralary tarapyndan bermek möhletiniň bozulandygy üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 299$^{1}$-njy maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ýerli edaralaryna adamlaryň pensiýa we pensiýalara goşulýan goşmaça töleglere bolan hukuklarynyň hem-de olaryň möçberleriniň kesgitlenilmegi üçin Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen resminamalaryň we maglumatlaryň iş berijiler we arhiw edaralary tarapyndan

bermek möhletiniň bozulandygy üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň üçüsinden bäşisine çenli möçberde jerime salynýar.

Bu hukuk bozulmalary üçin administratiw temmisi ulanylandan soň olaryň bir ýylyň dowamynda gaýtadan edilendigi üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň bäşisinden onusyna çenli möçberde jerime salynýar.

Iş berijiler we arhiw edaralary tarapyndan adamlaryň pensiýa we pensiýalara goşulýan goşmaça töleglere bolan hukugyny hem-de olaryň möçberini kesgitlemek üçin resminamalaryň we maglumatlaryň nädogry berlendigi üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň $299^{1}$-njy maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Iş berijiler we arhiw edaralary tarapyndan adamlaryň pensiýa we pensiýalara goşulýan goşmaça töleglere bolan hukugyny hem-de olaryň möçberini kesgitlemek üçin resminamalaryň we maglumatlaryň nädogry berlendigi üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň bäşisinden onusyna çenli möçberde jerime salynýar.

Bu hukuk bozulmalary üçin administratiw temmisi ulanylandan soň olaryň bir ýylyň dowamynda gaýtadan edilendigi üçin wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň onusyndan on bäşisine çenli möçberde jerime salynýar.

## XIII. Gaznanyň edaralarynyň wezipeli adamlarynyň işine bikanun gatyşylmagy üçin administratiw temminiň berilmegi

34. Gaznanyň edaralarynyň wezipeli adamlarynyň kanuny talaplarynyň, görkezmeleriniň, netijeleriniň we kararlarynyň bellenilen möhletde ýerine ýetirilmezligi üçin jerimeleriň salynmagy Kodeksiň 365-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda amala aşyrylýar.

35. Gaznanyň edaralarynyň wezipeli adamlarynyň gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykda olaryň kanuny talaplarynyň, görkezmeleriniň, netijeleriniň we kararlarynyň bellenilen möhletde ýerine ýetirilmezligi üçin fiziki şahslara binýatlyk mukdaryň ikisinden bäşisine, wezipeli adamlara binýatlyk mukdaryň bäşisinden onusyna çenli möçberde jerime salynýar.

## XIV. Gaznanyň edaralary tarapyndan administratiw temmini bermek boýunça geçirilýän işleriň tertibi

36. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seretmäge we administratiw temmisini ulanmaga öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Gaznanyň dolandyryjysynyň, welaýatlardaky, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäherlerdäki, etraplardaky we etrap hukukly şäherlerdäki edaralarynyň ýolbaşçylarynyň hukugy bardyr.

37. Şu Tertibiň otuz altynjy böleginde görkezilen wezipeli adamlar hem-de olar tarapyndan ygtyýarlyklaryna girýän meseleler boýunça barlaglary geçirmäge iberilen işgärleri Kodeksiň 297-nji, 298-nji, 299-njy, $299^{1}$-njy maddalarynda we 365-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan hukuk bozulmalar hakynda teswirnamalary düzmäge ygtyýarly işgärler (mundan beýläk- ygtyýarly işgärler) bolup durýarlar.

38. Kodeksiň 480-nji maddasyna laýyklykda, Kodeksde bellenilen administratiw hukuk bozulmanyň bardygyny görkezýän ýeterlik ýagdaýlarda Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň degişli ýolbaşçylary ygtyýarlyklarynyň çäklerinde administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredýärler.

39. Gaznanyň ygtyýarly işgärleri tarapyndan administratiw hukuk bozulmanyň, ýagny Türkmenistanyň döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda kanunçylygynda bellenen hasabatlaryny bermek möhletiniň bozulandygy, pensiýa gaznasy edaralaryna nädogry maglumatlaryň berlendigi, pensiýa we pensiýalara goşulýan goşmaça tölegleré bolan hukuklarynyň hem-de olaryň möçberleriniň kesgitlenilmegi üçin resminamalaryň we maglumatlaryň bermek möhletiniň bozulandygyny ýa-da bu maglumatlaryň nädogry berlendigini, pensiýa gaznasy edaralarynyň işine bikanun gatyşylmagy ýüze çykarylan ýagdaýynda, haýal etmän Administratiw hukuk bozulma hakynda teswirnama (mundan beýläk- Teswirnama) (1-nji goşundy) düzülýär.

Teswirnamada onuň düzülen senesi we ýeri, ony düzen wezipeli adamyň familiýasy, ady we atasynyň ady, administratiw hukuk bozulmany eden fiziki ýa-da ýuridiki şahs baradaky maglumatlar, administratiw hukuk bozulmanyň edilen ýeri, wagty we mazmuny, Kodeksiň şol administratiw hukuk bozulma üçin jogapkärçilik göz öňünde tutulan maddasy görkezilýär. Şonda administratiw jogapkärçilik göz öňünde tutulan hukuk bozulmasynyň görnüşi şu Tertibiň II–XIII baplaryna laýyklykda kesgitlenýär.

40. Administratiw önümçiligi Teswirnama düzülen senesinden başlanan hasap edilýär.

41. Hukuk bozulmanyň ýagdaýlaryny goşmaça barlamak ýa-da administratiw önümçilik özi babatda gozgalýan tarap barada maglumatlar zerur bolan halatlarynda Teswirnama administratiw hukuk bozulma ýüze çykarylan pursadyndan soň üç gün möhletde düzülýär. Teswirnamanyň şunuň ýaly gijikdirilip düzülmegi administratiw hukuk bozulmanyň ýüze çykaran işgäriň haýal etmän ýazan habarnamasy esasynda resmileşdirilýär.

42. Teswirnama ony düzen adam we administratiw hukuk bozmany eden fiziki şahs ýa-da wezipeli adam gol çekýär. Eger-de Teswirnama günäkär gol çekmekden boýun gaçyrýan bolsa, onda bu barada bellik edilýär. Düzgüni bozanyň Teswirnama düşündiriş hatyny we belliklerini goşmaga haky bar, şeýlelikde ol gol çekmäge garşylyk görkezmeginiň sebäbini beýan edip biler. Teswirnama gol çekmekden boýun gaçyrmagy işiň bes edilmegine delil bolup bilmez. Teswirnama ähli resminamalar bilen bilelikde degişli pensiýa gaznasy edarasyna seretmek üçin berilmelidir we şol ýerde Gazna tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilende jerimeleri salmak hakynda Teswirnamalary we kararlary hasaba alyş kitbynda (3-nji goşundy) bellige alynmalydyr.

43. Administratiw hukuk bozulma baradaky işe administratiw önümçilik özi babatda alnyp barylýan adamyň ýa-da ýuridik şahsyň wekiliniň gatnaşmagynda seredilýär. Diňe işe seretmegiň wagty we ýeri hakynda bu adamyň öz wagtynda habarly edilendigi barada maglumat bar bolanda we işe seredilmeginiň gaýra goýulmagy hakynda haýyşnama gelip gowuşmadyk ýa-da bildirilen haýyşnamany

kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen halatlarynda işe olaryň ýokdugynda hem seredilip bilner.

44. Administratiw önümçiligi boýunça materiallara, habarlara we arzalara seretmek Gaznanyň degişli müdirligiň (bölüminiň) başlygy ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça degişli işgäri hem-de pensiýa gaznasynyň ýerli edaralarynyň ýolbaşçysy tarapyndan tabşyrylan degişli işgäri tarapyndan amala aşyrylýar.

45. Gaznanyň edaralarynyň ýolbaşçylary tarapyndan Teswirnama we işiň beýleki materiallary alnan gününden on bäş gün möhletde administratiw hukuk bozulma baradaky işe garalýar.

46. Administratiw hukuk bozulma baradaky iş boýunça goşmaça ýagdaýlary anyklamak zerur bolan halatlarynda işe seretmäge ygtyýarly edaranyň esaslandyrylan karary bilen işe seretmek möhleti bir aýa çenli uzaldylyp bilner.

47. Administratiw hukuk bozulma baradaky işe seredilende şu kararlaryň biri kabul edilýär:

1) administratiw temmisini bermek barada;

2) administratiw önümçiligi bes etmek barada.

Administratiw önümçiligi bes etmek hakynda karar şu halatlarda kabul edilýär:

1) Kodeksiň 435-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň biri bar bolanda;

2) hukuk bozujyny düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek barada materiallar Kodeksiň 29-njy maddasyna laýyklykda degişli döwlet edaralaryna geçirilen bolsa;

3) administratiw hukuk bozulma barada işe seretmek üçin kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri barada topara geçirilen bolsa.

48. Administratiw hukuk bozulmalary baradaky iş boýunça Karara (2-nji goşundy) laýyklykda, administratiw hukuk bozulma hakynda işe seretmeklik tamamlanandan soň haýal etmän çykarylýar, ony kabul eden wezipeli adamyň goly we möhür bilen tassyklanýar hem-de yglan edilýär.

49. Kararyň nusgasy üç gün möhletde özi babatda şol karar çykarylan adama ýa-da ýuridik şahsyň wekiline gowşurylýar ýa-da iberilýär.

50. Administratiw temmi bermek hakynda karar çykarylandan soň on gün möhletde administratiw işe sereden edara hukuk bozulmasynyň netijesini düzetmek boýunça çäreleri görkezmek bilen, hukuk bozujynyň işleýän kärhanasyna, guramasyna, edarasyna hat iberýär.

51. Gaznanyň ýerli edaralary tarapyndan administratiw jerimäniň salynmagy baradaky Kararyna, olaryň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýete ýa-da ýokarda durýan ygtyýarly edara administratiw hukuk bozulma barada iş boýunça karara şikaýat ýa-da garşylyknama kararyň nusgasy gowşurylan ýa-da alnan gününden on gün möhletde getirilip bilner.

Işe seretmäge ygtyýarly edara gelip gowşan şikaýaty ýa-da garşylyknamany iş boýunça ähli materiallar bilen bilelikde üç gün möhletde ýokarda durýan ygtyýarly edara iberýär. Eger Karary Gazna tarapyndan kabul edilen bolsa, onda işe gaýtadan seredilýär ýa-da Kodeksiň 553-nji maddasynyň 2-nji bölegine laýyklykda

ýokarky basgançakly kazyýete, kollegial edaranyň ýerleşýän ýeri boýunça kazyýete iberilýär.

52. Administratiw hukuk bozulma baradaky iş boýunça çykarylan karar babatda edilen şikaýata ýa-da garşylyknama seredilende şu aşakdaky kararlaryň biri kabul edilýär:

1) karary üýtgetmän galdyrmak, şikaýaty ýa-da garşylyknamany bolsa kanagatlandyrman galdyrmak hakynda;

2) karary üýtgetmek hakynda, şunda özi babatda karar çykarylan şahsyň ýagdaýynyň ýaramazlaşdyrylmagyna we administratiw temmisiniň güýçlendirilmegine ýol berilmeýär;

3) Kodeksiň 39-njy we 435-nji maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda – karary ýatyrmak we administratiw önümçiligi bes etmek hakynda;

4) Kodeksde bellenilen talaplaryň bozulmagynyň derejesi administratiw hukuk bozulma baradaky işiň ýagdaýlaryny tiz we doly anyklamaga päsgel berýän bolsa – karary ýatyrmak we administratiw hukuk bozulma baradaky işi täzeden seretmäge ibermek hakynda;

5) şikaýata ýa-da garşylyknama seredilende administratiw hukuk bozulma baradaky iş boýunça karar bu işi çözmäge ygtyýarly bolmadyk edara tarapyndan çykarylandygy anyklanylan bolsa – karary ýatyrmak we işi degişli edaranyň seretmegine ibermek hakynda.

Administratiw hukuk bozulma baradaky iş boýunça karara edilen şikaýata ýa-da getirilen garşylyknama olaryň gelip gowşan gününden on gün möhletde seredilýär.

53. Administratiw hukuk bozulma hakynda iş boýunça çykarylan karar baradaky şikaýat ýa-da garşylyknama barasynda çykarylan çözgüdiň göçürmesi özi babatda şol çözgüt çykarylan tarapa, şu Tertibiň 50-nji bölüminde bellenen düzgüne laýyklykda üç gün möhletde iberilýär.

54. Administratiw hukuk bozulmalary baradaky iş barada kararyň ýerine ýetirmäge girizilmegi işe sereden edara tarapyndan amala aşyrylýar. Administratiw temmi bermek hakynda karara şikaýat edilende ýa-da garşylyknama getirilende karar şol şikaýat ýa-da garşylyknama kanagatlandyrylman galdyrylandan soň ýerine ýetirilmäge degişlidir.

55. Administratiw hukuk bozulmalary baradaky iş boýunça karar administrtiw jerimäniň ýerine ýetiriş resminamasy bolup durýar we degişli fiziki şahslar hem-de wezipeli adamlar tarapyndan hökman ýerine ýetirilmelidir. Jerimäni tölemegiň tertibi we möhletleri, jerimäniň bellenen möhletde tölenmezliginiň netijeleri Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 577–578-nji maddalaryna laýyklykda kesgitlenilýär. Jerimäni düzgün bozujy özüne jerime salnandygy hakynda kararyň gowşurylan senesinden beýläk otuz gün möhletden gijä goýman, şol karar boýunça şikaýat edilen ýa-da garşylyknama bildirilen ýagdaýynda bolsa, şikaýatyň ýa-da garşylyknamanyň kanagatlandyrylman galdyrylýandygy hakynda habaryň gowşurylan senesinden beýläk otuz gün möhletden gijä goýman wezipeli adam ýa-da fiziki şahs döwlet býujetiniň girdejileri boýunça degişli hasaba geçirilmelidir. Şol möhletleriň dowamynda pensiýa

gaznasynyň degişli edarasyna bu jerimäniň tölenendigini tassyklaýan töleg hatynyň nusgasy berilmelidir.

56. Şu Tertibiň elli bäşinji böleginde bellenilen möhletde jerime tölenilmese, onda salnan jerimäniň möçberi geçirilen her gün üçin 0,5 göterim artdyrylýar.

57. Jerime bellenilen möhletde tölenilmedik halatynda degişli karar jerimäniň şu Tertibiň elli altynjy bölegine laýyklykda artdyrylan möçberinde günäkäriň iş hakyndan ýa-da başga girdejisinden, pensiýasyndan ýa-da talyp hakyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen kadalara laýyklykda mejbury tertipde tutup almak üçin iberilýär. Eger jerimä sezewar edilen adam işlemeýän bolsa ýa-da başga sebäplere görä jerimäni hukuk bozujynyň iş hakyndan ýa-da başga girdejisinden, pensiýasyndan ýa-da talyp hakyndan tutup almak mümkin bolmasa, jerimäni tutup almak işe sereden edaranyň jerime bermek hakynda karary esasynda degişli etrap (şäher) kazyýet ýerine ýetirijisine iberilýär.

## XV. Administratiw hukuk bozulmalary hakynda materiallaryň prokurora geçirilmegi

58. Administratiw hukuk bozulma baradaky işe seredilende edilen hukuk bozulmada jenaýatyň alamatlary bar diýip netijä gelinse, işe seretmäge ygtyýarly Pensiýa gaznasynyň ýerli edarasy materiallary bellenen tertipde prokurora geçirýär.

## XVI. Jemleýji düzgünler

59. Gazna öz kanuny ygtyýarlyklarynyň çäklerinde welaýatlardaky, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäherlerdäki, etraplardaky we etrap hukukly şäherlerdäki edaralary tarapyndan şu Tertibiň berjaý edilişine gözegçilik edýär.

60. Welaýatlardaky, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäherlerdäki, etraplardaky we etrap hukukly şäherlerdäki pensiýa gaznasynyň edaralary özleriniň ygtyýarlyklaryna girýän meseleler boýunça geçiriljek barlaglaryň meýilnamalaryny düzýärler, tassyklaýarlar, meýilnamalaryň ýerine ýetirilişi, ýüze çykarylan administratiw hukuk bozulmalary hem-de bu babatda görlen çäreler hakynda Gazna döwürleýin hasabatlary berýärler.

Gazna boýunça barlag işleriniň meýilnamasy Gözegçilik bölümi tarapyndan hem düzülýär.

61. Pensiýa gaznasynyň edaralarynyň ygtyýarlyklaryna girýän meseleler boýunça geçiriljek barlaglary degişli derejelerde Gaznanyň dolandyryjysynyň hem-de welaýatlardaky, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäherlerdäki, etraplardaky we etrap hukukly şäherlerdäki edaralarynyň ýolbaşçylarynyň buýruklary esasynda meýilnamadan daşary hem geçirilip bilner.

62. Şu Tertipde ýa-da Türkmenistanyň döwlet pensiýa üpjünçiligi we pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän başga bir kadalaşdyryjy hukuk namasynda görkezilen möhletler babatynda Türkmenistanyň Raýat Kodeksinde göz öňünde tutulan düzgünler ulanylýar.

63. Administratiw hukuk bozulmasy boýunça işiň ähli resminamalary degişli pensiýa gaznasynda 5 ýyllap saklanylýar.

64. Administratiw hukuk bozulmalar boýunça şu Tertipde göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlar ýüze çykan halatynda, mesele Kodeksde bellenen degişli düzgünler esasynda çözülýär.

Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň
edaralary tarapyndan administratiw hukuk
bozulmalary baradaky işlere seredilmeginiň
Tertibine
1-nji goşundy

______________________________
*(pensiýa gaznasynyň ady)*
______________________________

**ADMINISTRATIW HUKUK BOZULMA HAKYNDA № ______ TESWIRNAMA**

20 ____ ýylyň __________________ aýynyň «____» ______________________________
*(teswirlnamanyň düzülen ýeri)*

______________________________________________________________
*(teswirnamany düzen wezipeli adamyň iş ýeri, wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady)*

______________________________________________________________

______________________________________________________________
*(admimistratiw hukuk bozulmany eden wezipeli adamyň işleýän kärhanasynyň, guramasynyň, edarasynyň ady,*
______________________________________________________________
*onuň ýokarda durýan guramasynyň ady ýa-da administratiw hukuk bozulmany eden fiziki şahsyň familiýasy, a., a.a.)*

______________________________________________________________
*(administratiw hukuk bozulmanyň bolup geçen ýeri)*

Ýüze çykaryldy:______________________________________________
*(administratiw hukuk bozulmanyň görnüşi)*

______________________________________________________________

______________________________________________________________
*(administratiw hukuk bozulmanyň bolup geçen wagty)*

Ýol berlen administratiw hukuk bozulmanyň häsiýetnamasy: ______________________
*(administratiw hukuk bozulmanyň*
______________________________________________________________
*görnüşine laýyklykda onuň anyklaşdyrylan mazmuny)*

______________________________________________________________

______________________________________________________________

Görkezilen administratiw hukuk bozulmasyna ____________________________
*(administratiw hukuk bozulmany eden wezipeli adamyň*
______________________________________________________________
*ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi, iş ýeri, ýaşaýan ýeriniň salgysy)*

____________________________________________________tarapyndan ýol berildi.

Bu hukuk bozulmasy üçin Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň _____ maddasyna laýyklykda jogapkärçilik göz öňünde tutulandyr.

Administratiw hukuk düzgünini bozuja onuň Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 487-nji, 552-nji we 577-nji maddalarynda göz öňünde tutulan hukuklary we borçlary düşündirildi.

______________________________________________________________
*(delilnamany düzen adamyň wezipesi, familiýasy, a., a.a. we goly)*

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 552-nji maddasynda göz öňünde tutulan öz hukuklarym bilen tanyş boldum:

______________________________________________________________
*(administratiw hukuk bozulmany eden wezipeli adamyň ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, a., a.a. we goly)*

Bellik: ______________________________________________________

Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň edaralary
tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary
baradaky işlere seredilmeginiň Tertibine
2-nji goşundy

______________________________
*(pensiýa gaznasynyň ady)*

**Administratiw hukuk bozulmalary baradaky iş boýunça № _____ KARAR**

20 ____ ý. ____________________ aýynyň«____» ______________________________
*(kararyň düzülen ýeri)*

Men,__________________________________________________________________
*(pensiýa gaznasynyň ady)*

ýolbaşçysy______________________________________________________________
*(familiýasy, a., a.a.)*

20 ____ ýylyň ______________ aýynyň «____» güni düzülen ____ belgili teswirnama we ______________________________________________________________işleýän
*(wezipesi, iş ýeri )*

______________________________________________________________
*(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

tarapyndan administratiw hukuk bozulmasy barada oňa goşulan resminamalara seretdim hem-de

______________________________________________________________
*(işe seredilende belli edilen düzgün bozulmalary)*

______________________________________________________________ kesgitledim.

Türkmenistanyň pensiýa gaznasynyň edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilmegiň tertibine esaslanyp,

**KARAR ETDIM:** ______________________________________________________
*(administratiw hukuk bozulmany eden wezipeli adamyň ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, a., a.a.)*

______________________________________________________________
*(kadalaşdyryjy hukuk namalaryň ady, talaplary bozulan maddalarynyň, bentleriň san belgisi)*

______________________________________________________________bozandygy üçin

______________________________________________ manat möçberinde jerime salmak
*(sanlar we sözler bilen)*

görnüşinde administrtiw jogapkärçiligine çekmeli.

Jerimäniň geçirilmeli banky, hasabyň san belgisi ______________________________

______________________________________________________________

Jerime düzgün bozujy tarapyndan otuz günlik möhletde tölenmese, salnan jerimäniň möçberi Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 577-nji maddasyna laýyklykda gijikdirilen günleriniň her biri üçin 0,5 göterim artdyrylýar.

Administratiw hukuk bozulmalary baradaky iş boýunça karara şikaýat onuň nusgasy gowşurylan ýa-da alnan gününden on günüň dowamynda şu Karary çykaran edara berilýär.

Pensiýa gaznasynyň ýolbaşçysy ______________________________________
*(familiýasy, a., a.a. we goly )*

M.Ýe.

Kararyň göçürmesini
aldym:___________________________________________________________
*(jogapkärçilige çekilen wezipeli adamyň ýa-da fiziki şahsyň familiýasy, a., a.a. we goly)*

Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň edaralary
tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary
baradaky işlere seredilmeginiň Tertibine
3-nji goşundy

____________________________________________
(pensiýa gaznasynyň ýerli edarasynyň ady)

# Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň edaralary tarapyndan administratiw hukuk bozulmalary baradaky işlere seredilende jerimeleri salmak hakynda teswirnamalary we kararlary hasaba alyş

# **K I T A B Y**

| № | Teswirnamanyň belgisi we düzülen senesi | Teswirnamany düzen işgäriň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady | Administratiw hukuk bozlmasynyň hereketi ýa-da hereketsizligi | Jerimäniň pul möçberi ___________ ýa-da başga çözgüt | Administratiw çözgüdi çykaran wezipeli adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Karaýň belgisi we düzülen senesi | Töleg hatynyň belgisi ýa-da ugradylan hatyň belgisi we senesi | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |
| | | | | | | | | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2014-nji ýylyň 10-njy aprelinde bellige alyndy.
Bellige alyş sany 751.